# TÜRKMENISTANYŇ HÜNÄR-TEHNIKI WE ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINIŇ TALYP ÝAŞLARYNYŇ ARASYNDA GEÇIRILJEK "TÜRKMENISTAN –RUHUBELENTLIGIŇ WE SAGDYNLYGYŇ ÝURDY" ATLY XIV SPARTAKIADANYŇ DÜZGÜNNAMASY

## I. ÝARYŞYŇ MAKSATLARY WE WEZIPELERI

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 12-nji noýabrynda çykaran 10698 belgili karary esasynda, 2024-2025-nji okuw ýyllarynda hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sport ýaryşlaryny (Spartakiadany) geçirmekligiň maksady ýurdumyzyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdeplerinde sportuň giňden ýaýran görnüşlerini has-da ösdürmek, sagdyn, ruhubelent türgenleri ýetişdirmek bolup durýar. Şeýle hem:

- talyplaryň sagdyn durmuşyny wagyz etmekden;
- talyplaryň sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaklaryna şert döretmekden;
- hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda güýçli we başarjaň türgenleri ýüze çykarmakdan;
- talyplaryň dynç alyşyny döwrebap we talabalaýyk gurnamakdan ybaratdyr.

## II. SPORT ÝARYŞLARYNYŇ GEÇIRILMELI MÖHLETLERI WE TAPGYRLARY

Birinji tapgyr sportuň dürli görnüşleri boýunça hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň bölümleriniň talyplarynyň arasynda;

Ikinji tapgyry Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sportuň birinji tapgyryndaky görnüşleri boýunça geçirilýär.

## III. SPORT ÝARYŞLARYNY GEÇIRMEGIŇ ÝOLBAŞÇY EDARALARY

**1.** Sport ýaryşlarynyň birinji tapgyryna umumy ýolbaşçylyk etmeklik hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary hem-de sport ýaryşlaryny guramak we geçirmek boýunça ýörite iş topary tarapyndan amala aşyrylýar.

- sportuň her görnüşi boýunça ýaryşlaryň düzgünnamalary direktor tarapyndan tassyklanylýar;
- ýaryşlary geçirmek üçin Baş eminler toparynyň düzümi, ýaryşlaryň geçirilýän ýeri we wagty direktor tarapyndan kesgitlenilýär.

**2.** Sport ýaryşlarynyň ikinji tapgyryna umumy ýolbaşçylyk etmeklik Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti ("Türkmenistan" ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasy) we Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar;

Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň XIV Spartakiadasyny guramaçylykly geçirmekde:

- Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti ýaryşlaryň degişli resminamalaryny taýýarlamaga we eminler bilen (welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirlikleri) üpjün etmäge;
- Türkmenistanyň Bilim ministrligi sport ýaryşlaryna talyp türgenleriň hem-de tomaşaçylaryň gatnaşmaklaryny üpjün etmäge;
- Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi sport ýaryşlaryny lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün etmäge;
- Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi sport ýaryşlaryna gatnaşýan türgenleriň we tomaşaçylaryň howpsuzlygyny goramaklyga we tertip-düzgüne seretmäge;
- Aşgabat şäher häkimligi garamagyndaky sport desgalary bilen üpjün etmäge;
- Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Syýasy geňeşi, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi sport ýaryşlarynda ýeňiji toparlary kuboklary, dürli derejeli medallary we ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglamaklygy üpjün etmäge;
- Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti sport ýaryşlaryny türkmen halkymyza we tomaşaçylara teleýaýlymlaryň üsti bilen ýetirmäge we wagyz etmäge;
- Türkmen döwlet neşirýat gullugy geçirilýän sport çärelerini gazet we žurnallaryň üsti bilen wagyz etmäge borçlanýar.

Sportuň her görnüşi boýunça ýaryşlaryň düzgünnamalary, ýaryşlary geçirmek üçin Baş eminler toparlarynyň düzümi, ýaryşlaryň geçirilýän ýeri we wagty “Türkmenistan” ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasy tarapyndan kesgitlenilýär.

**3.** Spartakiadanyň 2-nji tapgyrlarynyň geçiriliş tertibi sportuň her görnüşi boýunça tassyklanan düzgünnama esasynda geçirilýär.

## IV. SPORTUŇ GÖRNÜŞLERI

Spartakiadanyň düzüminde sportuň suwda ýüzmek, ýeňil atletika, basketbol, küşt, şaşka, düzzüm, stoluň üstünde oýnalýan tennis, milli göreş, futzal, woleýbol, karate-do, tigir sürmek, tanap çekmek (jemi 13 görnüş boýunça 15 ýaryş) görnüşleri boýunça ýaryşlar geçirilýär.

Sportuň her görnüşi boýunça ýaryşlar halkara sport federasiýalarynyň hereket edýän düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

## V. TÜRKMENISTANYŇ HÜNÄR- TEHNIKI WE ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINIŇ TALYPLARYNYŇ ARASYNDA “TÜRKMENISTAN-RUHUBELENTLIGIŇ WE SAGDYNLYGYŇ ÝURDY” ATLY XIV SPARTAKIADANY GEÇIRMEK.

### 2024-nji ýylyň oktýabr aýy

1. **Suwda ýüzmek** (oglanlar) – 2024-nji ýylyň 02-nji oktýabrynda,
   geçirilýän ýeri “Olimpiýa” suw sport toplumynda.
   Her toparyň düzümi 2 oglan, 1 tälimçi we 1 wekil.
2. **Ýeňil atletika** (oglanlar we gyzlar aýratynlykda) 2024-nji ýylyň 04-05-nji oktýabrynda, geçirilýän ýeri “Aşgabat” köpugurly stadiony.
   Her toparyň düzümi 12 adam 6 oglan, 6 gyz, 1 tälimçi we 1 wekil.

### 2024-nji ýylyň noýabr aýy

3. **Basketbol** (gyzlar) - 2024-nji ýylyň 04-12-nji noýabr aralygynda,
   geçirilýän ýeri: Aşgabat Gurluşyk orta hünär okuw mekdebi hem-de Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi,
   Her toparyň düzümi 12 türgen, 1 tälimçi we 1 wekil.
4. **Basketbol** (oglanlar) - 2024-nji ýylyň 13-22-nji noýabr aralygynda,
   geçirilýän ýeri: Aşgabat Gurluşyk orta hünär okuw mekdebi hem-de Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi,
   Her toparyň düzümi 12 türgen, 1 tälimçi we 1 wekil.
5. **Küşt (**oglanlar we gyzlar aýratynlykda) - 2024-nji ýylyň 25-26-njy noýabry aralygynda, geçirilýän ýeri: Aşgabat şäheriniň Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebi;
   Her toparyň düzümi 2 oglan, 2 gyz, 1 tälimçi we 1 wekil.
6. **Şaşka** (oglanlar we gyzlar aýratynlykda) - 2024-nji ýylyň 27-28-nji noýabry aralygynda,
   geçirilýän ýeri: Aşgabat şäheriniň Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebi,
   Her toparyň düzümi 2 oglan, 2 gyz, 1 tälimçi we 1 wekil.
7. **Düzzüm (**oglanlar we gyzlar aýratynlykda) - 2024-nji ýylyň 29-30-njy noýabry aralygynda;
   geçirilýän ýeri: Aşgabat şäheriniň Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebi;
   Her toparyň düzümi 2 oglan, 2 gyz, 1 tälimçi we 1 wekil.

### 2024-nji ýylyň dekabr aýy

8. **Stoluň üstünde oýnalýan tennis** (oglanlar we gyzlar aýratynlykda) - 2024-nji ýylyň 16-20-nji dekabry aralygynda,
   geçirilýän ýeri: Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebi,
   Her toparyň düzümi 2 oglan, 2 gyz, 1 tälimçi we 1 wekil.

### 2025-nji ýylyň fewral aýy

9. **Milli göreş** (oglanlar) – 2025-nji ýylyň 05-07-nji dekabry aralygynda; geçirilýän ýeri: TDBweSI we Aşgabat Mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebi,
   Her toparyň düzümi 8 türgen, 1 tälimçi we 1 wekil bolup, 57 kg, 62 kg, 68 kg, 74 kg, 82 kg, 90 kg, 100 kg, +100 kg agram derejeleri boýunça geçirilýär.
10. **Kiçi futbol** (oglanlar) - 2025-nji ýylyň 10-25-nji fewral aralygynda; geçirilýän ýeri: TDBweSI, “Türkmenaragatnaşyk” agentliginiň Politehniki orta hünär okuw mekdebiniň hem-de A.Kekilow adyndaky Mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň sport meýdançasynda,
    Her toparyň düzümi 12 oýunçy, 1 tälimçi we 1 wekil.

**<u>2025-nji ýylyň mart aýy</u>**

11. **Woleýbol** (gyzlar) - 2025-nji ýylyň 03-12-nji marty aralygynda;
    geçirilýän ýeri: Aşgabat Gurluşyk orta hünär okuw mekdebi, Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi we Gökje sport desgasynda,
    Her toparyň düzümi 12 türgen, 1 tälimçi we 1 wekil.
12. **Woleýbol** (oglanlar) - 2025-nji ýylyň 17-28-nji marty aralygynda;
    geçirilýän ýeri: Aşgabat Gurluşyk orta hünär okuw mekdebi, Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi we Gökje sport desgasynda,
    Her toparyň düzümi 12 türgen, 1 tälimçi we 1 wekil.

**<u>2025-nji ýylyň aprel aýy</u>**

13. **Karate-do** (oglanlar) – 2025-nji ýylyň 10-11-nji apreli aralygynda,
    geçirilýän ýeri: TDBweSI, TDBGI;
    Her toparyň düzümi 5 türgen, 1 tälimçi we 1-wekil bolup, 60kg, 67kg, 75kg, 84kg, +84kg agram derejeleri boýunça geçirilýär.
14. **Tigir sürmek** (oglanlar) – 2025-nji ýylyň 18-nji aprelinde,
    geçirilýän ýeri Bekrewe şaýolunyň ugrynda,
    Her toparyň düzümi 2 oglan, 2 gyz, 1 tälimçi we 1 wekil.
15. **Tanap çekmek** (oglanlar we gyzlar) - 2025-nji ýylyň 23-25-nji apreli aralygynda,
    geçirilýän ýeri: Aşgabat Gurluşyk orta hünär okuw mekdebi hem-de Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi,
    Her toparyň düzümi 10 türgen, 1 tälimçi we 1 wekil.

Ýaryşlar Halkara sport merkezlerinde hereket edýän düzgünlere laýyklykda geçirilýär. Sportuň her bir görnüşi boýunça düzgünnama bolmalydyr. Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň toparlarynyň alan orunlaryny kesgitlemek üçin I orna 30 bal, II orna 25 bal, III orna 20 bal, IV orna 15 bal, V orna 13 bal, VI orna 12 bal, VII orna 11 bal, VIII orna 10 bal, IX orna 9 bal, X orna 8 bal, XI orna 7 bal, XII orna 6 bal, XIII orna 5 bal, XIV orna 4 bal, XV orna 3 bal, XVI orna 2 bal beriler. Umumy toparlaýyn orny bolsa köp utuk toplan topara berilýär.

**Bellik:**

**1.** Toparyň ýolbaşçylary sport ýaryşlarynyň geçirilýän döwründe öz toparynyň tertip-düzgün nyzamyna doly jogapkärçilik çekýär.

**2.** Eger-de Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň toparlary sportuň ýokarda görkezilen görnüşlerinden ýaryşa gatnaşyp, ýaryş tamamlanmazyndan öň ýaryşy dowam etdirip bilmedik ýagdaýynda ýaryşdan çykarylýar.

**3.** Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sport çäreleriniň geçiriljek ýeri, wagty we möhleti “Türkmenistan” ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň buýrugy bilen üýtgedilip bilner.

**4.** Sport ýaryşlarynyň geçirilýän pursadynda ýaryşyň tertip-düzgün nyzamynyň bozulmagyna ýol beren toparlaryň oýunçylary sportuň şol görnüşinden çykarylýar we öňki utuklary hasaba alynmaýar.

**5.** Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň öz nyşany, toparyň ady we birmeňzeş sport egin-eşikleri bolmalydyr.

## VI. ÝARYŞA GATNAŞMAK ÜÇIN SARGYTNAMALARY KABUL ETMEGIŇ TERTIBI

Ýaryşlara gatnaşmak üçin Türkmenistanyň hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň türgenleri lukmanyň gözegçiliginden geçen rugsady, goly we möhri hem-de ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanan hödürnamasyny “Türkmenistan” ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasyna ýaryşyň başlamagyna 3 gün galanda tabşyrmaly.

## VII. SPORT ÝARYŞLARYNYŇ ÝEŇIJILERINI SYLAGLAMAK

Toparlaýyn bäsleşikleriň 1–nji tapgyrynda baýrakly orunlary (I-II-III ýerleri) eýelän talyplar topary degişli derejeli diplomlar hem-de direktorlar tarapyndan üpjün edilen ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanýar.

Sport ýaryşlarynyň jemleýji – 2-nji tapgyrynyň bäsleşikleriniň toparlaýyn ýeňijileri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite baýragy, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Hormat hatlary, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Syýasy Geňeşiniň, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň sowgatlary bilen sylaglanýarlar.

**ŞU DÜZGÜNNAMA GEÇIRILJEK ÝARYŞLARA RESMI ÇAKYLYKDYR.**

**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň “Türkmenistan” ýaşlar bedenterbiýe – sport guramasy, Habarlaşmak üçin tel: 22-78-06.**